TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY
TARYH WE ARHEOLOGIÝA INSTITUTY

# “GADYMY ÄNEW MEDENIÝETI” ATLY HALKARA YLMY MASLAHAT

(2024-nji ýylyň 27-nji marty)

# INTERNATIONAL SCIENTIFIC CONFERENCE “ANCIENT ANAU CULTUR”

(Mart 27, 2024)

# МЕЖДУНАРОДНАЯ НАУЧНОЙ КОНФЕРЕНЦИИ “ДРЕВНЯЯ КУЛЬТУРА АНАУ”

(27 марта, 2024 года)

Aşgabat
“Ylym” neşirýaty
2024

symbolized respect for the older generation, cohesion, and unity of the people. The study of these customs contributes to an in-depth study of the spiritual and cultural world of the Turkmen people.

**Aýna Baýmuradowa**
*(Türkmenistan)*

## ÄNEW MEDENIÝETINIŇ KERAMIKA ÖNÜMLERINDÄKI NAGYŞLAR

Gadymy Änew topragy ilkinji ekerançylyk medeniýetleriniň kemala gelen medeni ojagydyr. XIX asyryň ahyrynda – XX asyryň başynda rus alymlary W. W. Bartold, W. A. Žukowskiý, A. A. Semýonow, amerikan alymy R. Pampelli gadymy Änewiň taryhyny ylmy taýdan öwrenmek boýunça yzygiderli arheologik gazuw-agtaryş işlerini alyp bardylar we Änewde kemala gelen özboluşly medeniýetiň aýratynlyklaryny ýüze çykardylar.

Änwiň golaýyndaky gadymy depelerde gazuw-barlag işleri geçirilende Änew I A we Änew II gatlaklaryndan tapylan keramiki gap-çanaklaryň ýüzünde üçburçluk, romb, gözenek görnüşli nagyşlar köp duş gelýär. Üçburçluk şekilleri gözbaşyny Jeýtun medeniýetinden alyp gaýdýar. Pessejikdepäniň demirgazyk-günbatar diwarynyň günbatar burçunda gara reňk bilen çekilen uly geometrik şekilleriň içinde burçda aşaklygyna gönükdirilen üçburçluklar tapyldy. Änew ýadygärliginde, Çakmaklydepede giňden ýaýran nagyşlaryň biri içi kese çyzyklardan emele gelen gözenekler bilen bölünen üçburçluklardyr. Arheolog alym N. Bäşimowa: “Türkmenistanyň nagyşlar dünýäsinde üçburçluk eneolit döwründen başlap, biziň günlerimize çenli saklanyp gelýär. IX–XIV asyrlaryň keramikasynda hem üçburçlugyň dürli görnüşleri giňden ýaýrandyr” diýip belleýär.

Alymlaryň bellemegine görä, üçburçluk zenan başlangyjyny aňladypdyr. Ösen bürünç asyrynyň aýal heýkeljikleriniň aşaky böleginiň üçburçluk bilen gutarmagy, olara üçburçluk şekiliniň haşamlanmagy muny tassyklaýar. Arheologlar bu terrakota heýkeljikleriň dini däp-dessurlar ýa-da baýramçylyklar üçin niýetlenendigini belleýärler.

Änew medeniýetiniň keramikasynda köp duş gelýän romb (pişme) şekili neolit we eneolit döwrüniň ýadygärlikleriniň gap-gaçlarynda ýörgünli haşamlaryň biridir. Pişme şekili köp halklarda hasyllylygyň nyşany bolupdyr. Üçburçluklar we romblar türkmen halkynyň keçe güllerinde, haly, kilim göllerinde, keşde nagyşlarynda “dogajyk”, “tumar”, “hamtoz”, “eňek” atlary bilen gabat gelýär we olar goragyň nyşany hasaplanýar. Türkmen halkynyň dokmaçylyk we el işleriniň gözbaşyny Änew, Göksüýri ýaly eneolit döwrüniň medeniýetlerinden gözbaş alyp gaýdýandygyny göz öňünde tutsak, bu şekilleri iň gadymy we uzak ömürli nyşanlar hasaplap bolar.

**Айна Баймурадова**
*(Туркменистан)*

## УЗОРЫ НА КЕРАМИКЕ КУЛЬТУРЫ АНАУ

Анау является древним культурным центром, где сформировались первые земледельческие культуры. В конце XIX – начале XX века иностранные ученые В. В. Бартольд, В. А. Жуковский, А. А. Семенов, Р. Пампелли проводили археологические раскопки и выявили особенности уникальной культуры Анау.

В южном Туркменистане на раннеземледельческих памятниках неолитического времени и времени Анау I А, Анау II были найдены женские терракотовые статуэтки, терракотовые усеченно-конические пряслицы, сферические чаши, конические чаши и миски как превалирующие формы, а также горшки с выделенным горлом и биконические миски. Основными элементами орнамента керамики культуры Анау являются геометрические фигуры: треугольники, квадраты, ромбы с сетчатым или полосчатым заполнением. Данные орнаменты можно считать самыми древнейшими. Эти узоры встречаются и в настоящее время на кошмах, паласах и коврах.

**Ayna Baymuradova**
*(Turkmenistan)*

## PATTERNS ON CERAMICS OF ANAU CULTURE

Anau is an ancient cultural center, where the first agricultural cultures were formed. The discovery of the Anau culture was of great importance not only for the historyof Southern Turkmenistan, but also for the history of the agricultural culture of theancient East. At the end of the 19th – beginning of the 20th centuries, Russian and foreign scientists such as V. V. Bartold, V. A. Zhukovskiy, A. A. Semenov, R. Pampelli conducted archaeological excavations and revealed the features of the unique culture of Anau.

In southern Turkmenistan, female terracotta figurines, terracotta truncated-conical spindle whorls, spherical bowls, conical bowls and bowls as the prevailing forms, as well as pots with a distinct neck and biconical bowls were found at the early agricultural monuments of the Neolithic period and the time of Anau IA, Anau II. The main elements of the ornaments of Anau culture ceramics are geometric shapes: triangles, squares, rhombuses with mesh or striped filling. These ornaments can beconsidered as the most ancient examples. These patterns are still found on felts, rugs and carpets.